**Türkmenistanyň Suwdaky Sport Görnüşleriniň Federasiýasynyň ýerine ýetiriji komitetiniň ýygnagynyň Teswirnamasy**

20.09.2024 Aşgabat ş.

**Gün tertibi**

1. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň 2025-nji ýyl üçin sport çäreleriniň ýyllyk meýilnamasyny Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine hödürlemek.
2. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň suwda ýüzmek boýunça tälimçiler maslahatynyň agzalaryny saýlamak.

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibi B.Orazow Federasiýasynyň Ýerine Ýetiriji komitetiniň ýygnagyna gatnaşan 7 sany agzalary hasaba aldy. Federasiýasynyň Ýerine Ýetiriji komitetiniň ýygnagyny geçirmek üçin zerur bolan ses sanawy gazanyldy.

1. Gün tertibiň I soragy boýunça Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy G.Atanyýazow tälimçileriň we türgenler komitetiniň ýolbaşçysynyň teklipleri arkaly düzülen Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň 2025-nji ýyl üçin halkara we içgi çäreleriniň ýyllyk Meýilnamasyny bilen tanyşdyrdy (goşundy 1 we 2). Bu meýilnamada suwda ýüzmek boýunça çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda zehinli türgenleri saýlap seçip Türkmenistanyň ýygyndy toparyna kabul etmek üçin gönükdirilen çagalaryň, ýetginjekleriň we ýaşlaryň arasynda Türkmenistanyň birinjilikleriniň şeýle hem tälimçileriň, eminleriň ukyp başarnyklaryny artdyrmak maksady bilen halkara we içgi okuw seminarlaryýň, türgenleriň halkara derejede tejribelerini artdyrmak, daşary ýurtlaryň güýçli türgenleri bilen bäşleşmek we 2028-nji ýylda Los-Anjeles şäherinde (ABŞ) geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlaryna häzirden taýýarlyk görmek maksady bilen halkara sport ýaryşlaryň we okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryň göz öňünde tutylandygyny aýtdy. Suwda pökgi oýnamak boýunça hem şu ýylda ilkinji gezek milli ýygyndy toparyň gatnaşan halkara ýaryşynda gazanylan netijäni göz öňünde tutulyp, olaryň halkara we okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň sanyny geçen ýyllaryňkydan hem artdyrylandygyny bellap geçdi we bu Meýilnamany tassyklamak üçin Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine hödürlemekligi teklip berdi.

**Teklip sese goýuldy we bir agyzdan kabul edildi.**

**Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň 2025-nji ýyl üçin sport çäreleriniň ýyllyk meýilnamasyny tassyklamak üçin Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine hödürlemeli.

2. Gün tertibiň **II** soragy boýunça D.Nowikow çykyş etdi. Ol milli ýygyndy toparynyň düzümine türgenleri saýlamak, halkara ýaryşlaryna we okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gitjek ýygyndy topary düzmek we olaryň netijelerini seljermek boýunça Suwda ýüzmek boýunça Tälimçiler Maslahatynyň düzümini teklip berdi we bu düzümi tassyklamagy haýyş etdi.

1. D.Nowikow
2. M.Ataýew
3. M.Pilýugin
4. R.Nabiullina
5. G.Atanyýazow

**<u>Teklip sese goýuldy we bir agyzdan kabul edildi.</u>**

**<u>Karar edildi:</u>** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Tälimçiler Maslahatynyň şu aşakdaky düzümini tassyklamaly.

1. D.Nowikow
2. M.Ataýew
3. M.Pilýugin
4. R.Nabiullina
5. G.Atanyýazow

**Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzalary:**

1. ______________________________
2. ______________________________
3. ______________________________
4. ______________________________
5. ______________________________
6. ______________________________
7. ______________________________